# Köpetdag

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Köpetdag KÖPETDAG

Eteginde at toýnagy güpürdäp,
Egri gylyç süýndi sende, Köpetdag.
Mert ýigitler Watan borjuny ödäp,
Arslanlara döndi sende, Köpetdag.

Gaýalaryñ, dereleriñ
Gümmür, gümmür, gümmürlendi.
Iñ soñunda her bir ýeriñ,
Synmaz galalara döndi.

Kaspi deñiz, Garabogaz boýunda,
Kesearkaç, Amyderýa boýunda,
Bagtly durmuş guryan bu gün her ýanda,
Täze adamlar öndi sende Köpetdag.

Ýer, suw azat, zähmet azat,
Ötmez gyşyñ ýaza döndi.
Ylym azat, sungat azat,
Sowatsyzlyk yza döndi.

Gök ekin, ak altyn bezeýär düzi,
Garagumda ýaýnaýar garaköl guzy.
Göwsüñ üsti Türkmenistan merkezi,
Bezeh bolup gondy sende, Köpetdag.

Biziñ Watan her bir taýda,
Misli gülüstana dönsün.
Ýeñiş topy, baýram toýda,
Gümmür, gümmür, gümmürlensin.

Çaglan, çaglan, mydam çaglan Köpetdag,
Köpetdag, Köpetdag, çaglan Köpetdag!

Berdi KERBABAÝEW Goşgular